# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

2021

TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY



№1/2021



Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2021-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna
### на 1 февраля 2021 года

Aşgabat 2021

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**SANLY BANK HYZMATLARY - DÖWRÜŇ TALABY**
ЦИФРОВЫЕ БАНКОВСКИЕ УСЛУГИ - ТРЕБОВАНИЯ ВРЕМЕНИ
3

**SANLY YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEGIŇ ESASY UGURLARY**
ОСНОВНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ РАЗВИТИЯ ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКИ
6

**MILLI YKDYSADYÝETIMIZDE MAÝA GOÝUMLARYŇ ORNY**
РОЛЬ ИНВЕСТИЦИИ В НАЦИОНАЛЬНОЙ ЭКОНОМИКЕ
10

**SEBITLERIŇ DEREJESINDE SENAGAT SYÝASATYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MEHANIZMI**
МЕХАНИЗМ РЕАЛИЗАЦИИ ПРОМЫШЛЕННОЙ ПОЛИТИКИ РЕГИОНОВ
14

**SANLY BANK HYZMATLARY ÖSDÜRILÝÄR**
РАЗВИТИЕ ЦИФРОВЫХ БАНКОВСКИХ УСЛУГ
18

**BANK ULGAMYNY ÖSDÜRMEKDE SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ÄHMIÝETI**
РОЛЬ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ В РАЗВИТИИ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ
22

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
26

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
28

# SANLY BANK HYZMATLARY - DÖWRÜŇ TALABY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimize sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyryp, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, pul-karz dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini kanagatlandyrmak, ilatyň erkin duran pul serişdelerini bank ulgamyna möhletli we talap edilýänçä görnüşindäki goýumlara çekmek, elektron resminamalar dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak boýunça anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Häzirki zaman innowasion ösüşiň önümi bolan maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň banklara giňden ornaşdyrylmagy olaryň işiniň döwrebaplaşmagyna, häzirki zaman bankynyň keşbiniň emele gelmegine, iş gurallarynyň kämilleşmegine, müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna oňyn şert döredýär. Häzirki wagtda bütin dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny sanlylaşdyrmak, hyzmatlary döwrebap talaplara laýyklykda ýola goýmak boýunça ägirt uly işler alnyp

# Цифровые банковские услуги - требования времени

Под мудрым руководством уважаемого Президента в соответствии с «Государственной программой развития банковской системы Туркменистана на 2011-2030 гг.» и «Концепцией развития цифровой экономики в 2019-2025 годах» выполняются конкретные задачи по созданию платежной системы на уровне развитых стран мира внедряя цифровые технологии в национальную экономику, расширению объема цифровых банковских услуг, удовлетворению потребности рынка влияя на состояние денежного обращения, мобилизации свободных денежных средств населения в форме вкладов, срочных и до востребования, также по переходу на систему обращения и электронной идентификации, по созданию гармонично функционирующей электронной индустрии, по преодолению разрыва между городами и селами в плане цифровой связи.

Широкое внедрение информационных и коммуникационных технологий, которые являются продуктом современного инновационного развития, создает для банков благоприятные условия для модернизации своей работы, формирования имиджа современных банков, улучшения их инструментов, модернизации методов их общения с клиентами. Сегодня, как и во всём мире, в нашей стране проводится большая работа по цифровизации всех секторов экономики и предоставлению услуг в соответствии с современными требованиями. Создание

barylýar. Sanly bank ulgamynyň döredilmegi, ilkinji nobatda, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmaga oňaýly täsirini ýetirýär.

Maliýe-bank ulgamynda ýola goýlan sazlaşykly işler netijesinde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan müşderilere edilýän hyzmatlaryň gerimi günsaýyn giňeýär, hyzmatlary sanly görnüşe geçirmekde döwrebap usullar işjeň ulanylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan raýatlarymyza döwrebap, kämil derejede hyzmat etmek, geçirilýän hasaplaşyklary tizleşdirmek, nagt pul dolanyşygynyň mukdaryny ep-esli azaltmak maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny çykarmak we oňa hyzmat etmek hem-de ýurdumyzyň ähli söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallaryny ornaşdyrmak işine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar. Bank kartlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, bank kartlaryna bolan islegiň ýokarlanmagyna hem-de geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň has-da artmagyna getirip, ýurdumyzyň pul dolanyşygynyň netijeli hereket etmegine mynasyp goşandyny goşýar.

Ilata «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg» we «Halkbank terminal» ulgamlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sany artdyrylýar, hili ýokarlan-



цифровой банковской системы, в первую очередь, оказывает положительное влияние на дальнейшее улучшение финансового благосостояния населения.

В нашей стране, которая известна как одна из ведущих стран мира, каждое новшество, достижения в современных технологиях горячо приветствуются нашим народом. Банковские платежи с использованием новых инновационных технологий и удобность расчётной системы положительно влияют на постоянное улучшение качества услуг, также помогает экономить время. В результате слаженной работы в финансово-банковской системе нашей страны спектр услуг, предоставляемых клиентам кредитными организациями нашей страны, расширяется с каждым днем, также активно используются современные методы цифровизации услуг. Для предоставления нашим гражданам современные и передовые услуги, ускорения расчетов, сокращения наличного денежного обращения, в настоящее время кредитные учреждения страны инвестируют в выпуск и обслуживание различных видов банковских картах во внедрение платежных терминалов во всех торговых и сервисных точках страны. Расширение масштабов и возможностей безналичных операций с помощью банковских карт, приведет к увеличению спроса на банковские карты и дальнейшему увеличению объема безналичных операций внося достойный вклад в эффективное функционирование денежного обращения нашей страны.

Количество транзакций, проводимых через системы «Интернет-банк», «Мобильный-банк», «Электронная торговля», «Бесконтактные платежи» и «Халкбанк терминал» увеличивается и улучшает качество жизни населения.

Услуги «Интернет-банка» и «Мобильного-банка» предоставляют удобный возмож-

dyrylýar.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge we çaltlaşdyrmaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga oňaýly şert döredýär.

2021-nji ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna bank ulgamy tarapyndan hödürlenilýän «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 615,1 müňden geçdi, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilenleriň sany bolsa 27,6 müňe ýetdi. Häzirki wagtda bank kartlarynyň sany 4 453,0 müňe ýetdi, töleg terminallarynyň sany bolsa 38,8 müňden geçdi. 2020-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda kartly töleg ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň umumy möçbere bolan gatnaşygy geçen ýylyň degişli döwrüne görä 2,16 esse ýokarlandy.

«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda hem ýurdumyzyň bank ulgamy dowamly kämilleşdirilýär, raýatlara täze bank hyzmatlary hödürlenip, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi has hem artdyrylýar. Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejelerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejelerine ýetirmäge gönükdirilendir. Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bize şeýle ajaýyp zamanamyzda netijeli işlemäge şert döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun. Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Serdar RAHMANOW,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň öwreniji - mugallymy

ность для удовлетворения потребностей клиентов в банковских операциях и услугах, включая упрощение и ускорение денежных переводов, а также экономии времени при расчетах.

По состоянию на 1 января 2021 года количество абонентов, подключенных к услуге «Интернет-банк», предоставляемой банковской системой, превысило 615,1 тысячи, а количество абонентов, подключенных к услуге «Мобильный-банк», достигло 27,6 тысячи. В настоящее время число банковских карт достигло 4 453,0 тысяч и число платежных терминалов превысило 38,8 тысяч. В январе-декабре 2020 года отношение безналичных платежей через банковские карты к общему объёму увеличилось на 2,16 по сравнению с соответствующим периодом прошлого года.

В году «Туркменистан – Родина мира и доверия» банковская система нашей страны постоянно совершенствуется, гражданам предоставляются новые банковские услуги, а объем безналичных расчетов еще больше расширяется. В результате дальновидной политики Лидера нации все реформы в банковской системе направлены на дальнейшее улучшение благосостояния граждан нашей страны и повышение их уровня жизни до уровня развитых стран мира. Желаем здоровья и долгих лет жизни Герою Аркадагу! Желаем успеха в дальнейших приобразованиях направленных на улучшение благосостояния народа и укрепление экономической мощи страны!

**Сердар РАХМАНОВ,**
преподаватель Туркменского государственного института финансов

# SANLY YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEGIŇ ESASY UGURLARY

Häzirki wagtda sanly tehnologiýalar we innowasion häsiýetli täjirçilik usullary hojalyk durmuşynyň ähli ugurlaryna giňden ornaşýar. Bu öz gezeginde ykdysadyýetde düzümleýin üýtgeşmeleriň emele gelmegine getirýär hem-de sanly tehnologiýalara we elektron haryt dolanyşygyna esaslanýan sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmaklygyň wajyplygyny öňe çykarýar.

Durmuşymyza «Sanly ykdysadyýet» adalgasy 1995-nji ýylda amerikaly informatik N.Negroponte tarapyndan girizildi. Ol sanly ulgamyň esasy artykmaçlyklarynyň hatarynda önümiň fiziki agramynyň öz ýerini maglumat göwrümine goýmagyny, elektron harytlary öndürmek üçin has az harajatlaryň edilmegini, sanly önümleriň az ýer gaplamagyny, önümiň örän tizlik bilen (internet torunyň üsti bilen) bir ýerden başga ýere ugradylmagyny we beýleki mümkinçiliklerini sanap geçýär. Ilatyň bu amatlyklardan giňden peýdalanmaklarynyň netijesinde gündelik durmuşymyzda «sanlylaşdyrmak», «sanly tehnologiýalar», «maglumat jemgyýeti», «sanly ykdysadyýet», «sanly giňişlik», «elektron hökümet», «internet hyzmaty», «sanly bilim», «akylly şäher», «sanly innowasiýalar» ýaly birnäçe täze adalgalar peýda boldy. Sanly tehnologiýalar – maglumatlaryň gözlegini, kabul edilmegini, ugradylmagyny, işlenmegini, toplanmagyny, saklanmagyny, ýaýradylmagyny, peýdalanylmagyny we goralmagyny amala aşyrmak işiniň we usullarynyň jemidir. Sanly ykdysadyýet – önümçilikde, paýlanyşykda, sarp edişde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny ulanmak arkaly

# Основные направления развития цифровой экономики

Сегодня цифровые технологии и инновационные бизнес-модели широко применяются во всех сферах хозяйственной жизни общества. Это, в свою очередь, приводит к структурным изменениям в экономике и подчеркивает важность внедрения цифровой экономики, основанной на цифровых технологиях и электронной торговли.

Термин «цифровая экономика» был введен в 1995 году американским ученым-информатиком Н.Негропонте. Среди основных преимуществ цифровой системы ученый перечисляет: отсутствие физического веса продукции, который заменяется информационным объемом, более низкие затраты ресурсов на производство электронных товаров, намного меньшая площадь, занимаемая продукцией, а также практически мгновенное перемещение товаров (через сеть интернет) и т.д. В результате широкого использования этих преимуществ населением, в нашей повседневной жизни появился ряд новых терминов, таких как «цифровизация», «цифровые технологии», «информационное общество», «цифровая экономика», «цифровое пространство», «электронное правительство», «интернет-услуги», «цифровое образование», «умный город», «цифровые инновации». Цифровые технологии представляют собой совокупность процессов и методов поиска, приема, передачи, обработ-

sanly özgertmeleri başdan geçiren ykdysadyýetiň bölegidir. Sanly giňişlik diýlip, sanly prosesleri, sanly aragatnaşyklaryň serişdelerini, maglumat çeşmelerini integrirleýän, şeýle hem guramaçylyk mehanizmlerine, dolandyrmaga we peýdalanmaga esaslanýan sanly infrastrukturalaryň jemine düşünilýär. Elektron hökümetiň esasy maksady bolsa döwletiň hyzmatlaryna elýeterliligi ýeňilleşdirmek, raýatlara we kärhanalara köp peýdalary getirmek üçin sanly tehnologiýalary ulanmak bolup durýar. Ol döwlet edaralarynyň işjeňligi barada maglumatlaryň berilmeginiň netijeli usulyny, döwlet bilen ilatyň arasynda özara şahsy gatnaşyklaryň azaldylyp, maglumat, ykjam tehnologiýalarynyň we internet torunyň berýän mümkinçiliklerinden doly derejede peýdalanmak arkaly raýatlara, döwlet gullukçylaryna, işewürlige hem-de ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna döwlet hyzmatlarynyň hödürlenilmegini göz öňünde tutýar. Şäher ýaşaýyş-durmuş ulgamlarynyň tygşytly we ekologiki ulanylmagyny göz öňünde tutýan innowasion tehnologiýalardan giňden peýdalanmagyň netijesinde gazanylýan döwrebap ýaşaýyş hiliniň üpjün edilmeginiň netijesinde bolsa akylly şäher emele gelýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň maksatlary, wezipeleri we esasy ugurlary, şeýle-de maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň JIÖ-i emele getirmekdäki goşandyny artdyrmagyň, milli ykdysadyýetde sanly ulgamy kämilleşdirmegiň ugurlary kesgitlendi. Degişli işleriň hatarynda sanly ykdysadyýeti ösdürmekde kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmäge, onuň halkara ülňülerine laýyk getirilmegine hem aýratyn üns berilýär.

Ýurdumyzyň innowasion ösüşine laýyklykda, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, bilim edaralarynda berilýän bili-

ки, сбора, хранения, распространения, использования и защиты информации. Цифровая экономика - часть экономики, в которой процессы производства, распределения, обмена и потребления прошли цифровые преобразования с использованием информационно-коммуникационных технологий. Цифровое пространство - пространство, интегрирующее цифровые процессы, средства цифрового взаимодействия, информационные ресурсы, а также совокупность цифровых инфраструктур, на основе норм регулирования, механизмов организации, управления и использования. Основная цель электронного правительства - использовать цифровые технологии, чтобы облегчить доступ к государственным услугам и принести больше пользы гражданам и бизнесу. Он обеспечивает эффективный способ предоставления информации о деятельности государственных органов, сокращения количества личных взаимодействий между государством и населением, также обеспечения полного доступа к информации, мобильным технологиям и Интернету, гражданам, государственным служащим, предприятиям и другим секторам экономики. В результате широкого применения инновационных технологий, которые предусматривают экономичное и экологическое использование городских систем жизнедеятельности, для обеспечения современного качества жизни создается умный город.

В «Концепции развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019-2025 годах» уважаемого Президента определены цели, задачи и основные направления развития цифровой экономики в нашей стране, а также направления увеличения вклада информационно-коммуникационных технологий в формирование ВВП, совершенствования цифровой системы в национальной экономике. Согласно Концепции, особое внимание уделяется со-

miň mazmunyny baýlaşdyrmak, hilini ýokarlandyrmak we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça amala aşyrylýan işler onuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Ähli bilim berýän bilim-terbiýeçilik edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Indi birnäçe ýyldan bäri birinji synp okuwçylarynyň ählisine hormatly Prezidentimiziň adyndan Şa sowgady-netbuk kompýuterleri gowşurylyp gelinýär. Bu bolsa ýaşlaryň kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Şeýle-de ýurdumyzyň bilim berýän ähli orta we ýörite okuw mekdeplerinde 10-njy we 11-nji synplarda «Ykdysadyýetiň esaslary» dersi okadylyp gelinýär. Umumybilim berýän mekdepleriň okuwçylary üçin ykdysadyýet we onuň wezipeleri, bazar gatnaşyklarynyň häzirki zaman hojalygyndaky ýeri, bäsdeşlige esaslanýan bazar ykdysadyýetiniň gurluşy, döwletiň, şol sanda, maşgalanyň we kärhananyň ykdysady işi baradaky bilimleri önümçilikde peýdalanmak ýaly ugurlarda maglumatlar berilýär.

Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde bolsa, degişli hünärine garamazdan okadylýan «Ykdysady nazaryýet» derslerinde talyplara kärhana we onuň görnüşleri, bazar ykdysadyýetiniň nazaryýeti, bäsdeşlik, baha we töwekgelçilik nazaryýeti, marketingiň we menejmentiň esaslary, maliýe, bank we karz hem-de gymmatly kagyzlar barada giňişleýin düşünje berilýär. Şeýle-de ýokary okuw jaýlarynyň okuw meýilnamasyna «Sanly ykdysadyýet» dersleri hem girizildi. Bularyň ählisi ýaşlaryň pul-karz we maliýe işi bilen bagly ugurlardan netijeli baş çykaryp bilmeklerine we döwrebap talaba laýyklykda olaryň maliýe sowatlylygyny artdyrmaga ýardam berýär.

Bank ulgamynda hem Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna», «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda degişli işler geçirilýär. Häzirki wagtda bank hyzmatlarynyň hili-

вершенствованию нормативно-правовой базы для развития цифровой экономики, приведению ее в соответствие с международными стандартами.

В соответствии с инновационным развитием нашей страны предпринимаются все шаги для последовательного совершенствования деятельности образовательных учреждений, широкого применения цифровых ресурсов, обогащения учебного процесса и обеспечения его соответствия мировым стандартам, повышения качества и методологии преподавания. Материально-техническая база всех учебных заведений постоянно укрепляется. Уже несколько лет всем первоклассникам страны от имени уважаемого Президента дарят подарочные нетбуки, что в свою очередь позволяет молодым людям повысить свою компьютерную грамотность. Также, на предметах «Основы экономики» преподаваемых в 10-11 классах во всех средних и специальных учебных заведениях страны, ученики получают знания об экономике и ее функциях, роли рыночных отношений в современной экономике, структуре конкурентной рыночной экономики, в том числе об экономической деятельности семьи, предприятия и государства.

Кроме того, во всех высших учебных заведениях страны, независимо от их специальности, студентам преподается предмет «Экономическая теория», включающая бизнес и его формы, теорию рыночной экономики, конкуренцию, теорию цен и рисков, основы маркетинга и менеджмента, финансов, банковского дела и кредита, а также финансы и банковское дело, где они пополняют свои финансовые и экономические знания. В учебные программы университетов также включена дисциплина «Цифровая экономика». Все эти возможности помогают молодым людям грамотно разбираться в денежно-кредитном и финансовом вопро-

ni kesgitleýän «Internet-bank», «Mobil-bank», «QR-kod hyzmaty», «Galtaşyksyz töleg» ýaly täze önümler bank işjeňliginiň esasy görkezijileri bolup durýar. Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän şeýle görnüşli bank hyzmatlaryndan peýdalanýan raýatlaryň sany günsaýyn artýar.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen ýurdumyzda «sanly» şäherleri, olarda «sanly» öýleri, «ýaşyl ykdysadyýetiň» nusgalary bolan «sanly» seýilgähleri gurmak işlerine badalga berildi. Aşgabat şäheriniň demirgazygynda gurulýan «Aşgabat siti» ýaşaýyş toplumy ýurdumyzda ilkini gezek döredilýän «sanly» şäher bolar. Bu şäherde Gün we ýel energiýasynyň adaty däl çeşmelerini ulanmak, ýagyş suwlaryndan peýdalanmak, milli binagärlik ýörelgelerimiziň esasynda innowasion serişdeleri ornaşdyryp, häzirki zaman şäher gurşawyny döretmek göz öňünde tutulýar.

Bu işleriň ählisi halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda uly tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer ýörelgesiniň durmuşymyzyň ähli ugurlarynda öz beýanyny tapýandygyna şaýatlyk edýär.

**Göwher ORAZOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Jemgyýetçilik aragatnaşygy we ýazgy
bölüminiň baş hünärmeni

сах и повышать свою финансовую грамотность в соответствии с современными требованиями.

В банковской системе также проводиться надлежащая работа согласно «Государственной программе развития банковской системы в Туркменистане на 2011-2030 годы» и «Концепции развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019-2025 годах». Сегодня новые продукты, такие как «Интернет-банк», «Мобильный-банк», «Сервис QR-кода» и «Бесконтактные платежи» являются основными показателями банковской активности и определяют качество банковских услуг. Число граждан, пользующихся такими банковскими услугами кредитных учреждений Туркменистана растет день ото дня.

Строительство «цифровых» городов в нашей стране, «цифровых» домов в них, «цифровых» парков по инициативе уважаемого Президента является примерам «зеленой экономики». Жилой комплекс «Ашхабад Сити», который строится на севере Ашхабада, станет первым «цифровым» городом в стране. Город предусматривает использование нетрадиционных источников солнечной и ветровой энергии, использование дождевой воды и создание современной городской среды путем инноваций на основе наших национальных архитектурных принципов.

Вся эта работа, направленная на обеспечение мирной жизни наших граждан свидетельствует о восторжествовании гуманитарного принципа Героя - Аркадага «Государство – для человека!»

**Говхер ОРАЗОВА,**
главный специалист отдела Общественных
связей и протокола
Центрального банка Туркменистана

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZDE MAÝA GOÝUMYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň ylmy taýdan esaslandyrylan, öndengörüjilikli ykdysady syýasatynyň binýadynda ýurdumyzda durmuş taýdan nazarlandyrylan bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginde uly ösüşler gazanylýar, düýpli sepgitlere ýetilýär. Maýa goýum syýasaty ýurdumyzyň mundan beýläk hem ýokary depginli ösüşini üpjün etmäge, täze iş ýerlerini döretmäge we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga giň mümkinçilikler berýär.

Maýa goýum işjeňliginiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem, ýurdumyza daşary ýurt maýa goýum serişdelerini giňden çekmek bolup durýar hem-de bu ýagdaýy nazara almak bilen, köptaraply işewür gatnaşyklarynyň çägini yzygiderli giňeltmek üçin zerur şertler we giň mümkinçilikler döredilýär.

2021-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimiz: «Halkara maliýe edaralaryndan (Halkara täzeleniş we ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky) hem-de halkara gaznalardan kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin pul serişdelerini, karzlary çekmek boýunça çäreler toplumyny amala aşyrylmagyny» belledi.

Milli Liderimiz döwlet-hususy pudak hyzmatdaşlygy arkaly, garyşyk maliýe ýörelgeleri esasynda maýa goýumlaryň beýleki çeşmelerini ösdürmek boýunça işleri has hem güýçlendirmegi tabşyrdy. Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetinde maýa goýumlary artdyrmagyň ýollarynyň kämilleşmegi, jemi

# Роль инвестиций в национальной экономике

Благодаря взвешенной и дальновидной стратегии уважаемого Президента достигнуты большие успехи в формировании социально ориентированной рыночной экономики. Позитивные плоды приносит и инвестиционная политика, реализуемая под руководством главы государства: достигнуто стремительное социально-экономическое развитие страны, создаются новые рабочие места, повышается благосостояние туркменистанцев.

В этом контексте одним из приоритетов экономической стратегии лидера нации является формирование благоприятного инвестиционного климата в стране, руководствуясь которым создаются оптимальные условия и эффективная платформа для наращивания и расширения формата сотрудничества с бизнес-кругами зарубежных стран.

На состоявшемся 29 января 2021 года заседании Кабинета Министров Туркменистана по цифровой видеосвязи уважаемый Президент отметил, что нужно реализовать комплекс мер по привлечению денежных средств, кредитов и грантов международных финансовых структур (Международный банк реконструкции и развития, Европейский банк реконструкции и развития, Азиатский банк развития) для поддержания малого и среднего бизнеса.

Тогда же Лидер нации поручил усилить работы по развитию других источников инвестиций путём государственно-частного

içerki önümiň ösüşine uly täsirini ýetirýär. Bu görkeziji netijeli häsiýete eýe bolup, ýurdumyzyň hojalyk subýektlerine goýlan maýa goýumlaryň netijesinde, şol subýektleriň önümçiliginiň ýokarlanmagyna getirýär. Maýa goýumlary çekmek we olary netijeli peýdalanmak, ýurdumyzyň maýa goýum syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde öňe çykýar.

Maýa goýumlaryň maksatlaýyn ugrunyň möhümdigini bellemek zerurdyr. Ýurdumyza daşyndan çekilýän maýa goýumlar we ýurdumyzyň içinde özleşdirilýän maýa goýumlar, bularyň ikisi hem halkyň bähbidine, ýurdumyzyň ilatynyň abadan ýaşaýşyna gönükdirlendir. Ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläkde has-da gowulandyrmak maksady bilen, milli Liderimiziň döwlet ýolbaşçylygynda ýurdumyzda maýa goýum syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça döwlet Maksatnamalary kabul edilýär hem-de durmuşa ornaşdyrmakda üstünlikli işler amala aşyrylýar.

Kabul edilýan Maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmekde ýurdumyzyň senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan hususy ulgamyň paýy hem uludyr. Hususy ulgamyň wekilleri tarapyndan senagat kärhanalaryň döredilmegine, häzirki zaman döwrebap önümçilikleriň, söwda merkezleriniň, durmuş-medeni maksatly binalaryň we desgalaryň, täze ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygyna işjeň gatnaşýarlar. Muňa mysal hökmünde, ýurdumyzyň paýtagtynda we sebitlerinde yzygiderli açylyp ulanylmaga berilýän täze ýaşaýyş jaýlaryny, söwda merkezlerini we durmuş-medeni maksatly binalardyr desgalary görkezmek munuň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwürde jemi içerki önümiň ösüş depgininde döwlete dahylly bolmadyk pudagyň paýy 70 göterime barabardyr. Şunuň bilen baglylykda, ykdysadyýetiň döwlete dahylly bolmadyk pudagyny ösdürmek üçin ähli zerur şertleri döretmek, 2021-nji ýylda jemi içerki önümiň düzüminde bu pudagyň paýyny 70,6 göterime

сотрудничества на основе смешанных финансовых принципов.

Совершенствование методов увеличения инвестиций в структуре национальной экономики оказывает значительное влияние на рост валового внутреннего продукта. Показатель инвестиционной активности отличается эффективностью: инвестиции в субъекты хозяйствования страны обусловили повышение их производительности. Привлечение инвестиций и их эффективное использование – приоритеты инвестиционной политики страны.

Стоит отметить и важность целевого назначения инвестиций. Любой вид инвестиций, будь то внутренняя или иностранная, нацелена, прежде всего, на благополучие народа и процветание страны. В целях дальнейшего повышения социально-бытовых условий населения нашей страны были приняты государственные программы в области инвестиций, которые в настоящее время под руководством лидера нации успешно реализуются.

Отметим, что активную роль в процессе претворения в жизнь этих программ играют члены Союза промышленников и предпринимателей страны. Представители частного сектора также участвуют в создании промышленных предприятий, современных производств, строительстве торговых центров, объектов социально-культурного назначения, жилых массивов. Об этом наглядно свидетельствует открытие в столице и регионах Туркменистана современных объектов различного назначения.

Как отметил глава государства, в настоящее время в валовом внутреннем продукте (ВВП) доля негосударственного сектора составляет 70 процентов. В данной связи было указано предпринять все меры по созданию благоприятных условий для развития негосударственного сектора экономики и в 2021 году довести долю этого сектора в структуре ВВП до 70,6 процента. В этом контексте отечественные бизнесмены

ýetirmek üçin zerur tagallalar edilmelidir» diýip aýdanlaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň hususy telekeçileri tarapyndan yzygiderli işler durmuşa geçirilýär.

Şeýle hem, ýurdumyzyň hususyýetçileri tarapyndan täze döwrebap ösen innowasion sanly tehnologiýalary milli ykdysadyýetimize ornaşdyrmak bilen, ekologiýa taýdan arassa, içerki we daşarky bazarlarda bäsdeşlige ukyply harytlary öndürilýär. Ýurdumyzda öndürilýän önümleriniň möçberini artdyrmak we olaryň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, hususy ulgam tarapyndan bu ugurlara uly möçberlerde maýa goýum serişdeleri goýulýar we bularyň netijesinde üstünlikli netijeleri gazanýarlar.

Kabul edilýän Maksatnamalarda bellenilen maksatlara üstünlikli ýetmek üçin, ilkinji nobatda ýudumyzyň daşyndan daşarky we ýurduň içerki maýa goýmak maksatly özleşdirmäge degişli bar bolan pul serişdeleriniň çekilmegini üpjün etmäge ukyply ykdysady hojalyk subýektleri, şeýle hem işewürlik ugurlary işläp taýýarlamagyň we netijenamalary çykarmagyň binýatlaýyn şertleri kesgitlenendir.

Milli Liderimiz: «Hususy pudagyň fiziki we ýuridik şahslaryň pul goýumlaryny çekmegiň we olary bermegiň tertibini ýönekeýleşdirmeli. Şeýle hem, banklaryň arasynda bäsdeşligi döretmek arkaly hyzmatlar üçin tölegler gaýtadan seretmeli» diýip aýdanlaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýurdumyzyň daşyndan daşarky we ýurduň içerki maýa goýmak maksatly özleşdirmäge degişli, bar bolan pul serişdeleriniň çekilmegi bilen bagly işleri yzygiderli alyp barýarlar.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösdürilmegini üpjün etmek, işjeň maýa goýum syýasatyny yzygiderli dowam etdirmek döwrüň talabydyr.

Bilime we ylyma, täze innowasion tehnologiýalara daýanýan ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan amatly täze döwrebap sanly tehnologiýalary özünde jemleýän häzirki zaman döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrmak işleri maýa goýujylara we

предпринимают системные меры в заданном направлении.

Представители негосударственного сектора не только вносят существенный вклад в работу по внедрению инновационных цифровых систем во все сферы национальной экономики, но и налаживают производство экологически чистой конкурентоспособной на внутреннем и внешнем рынке продукции. Кроме того, предпринимательский корпус инвестирует значительные средства в увеличение объёма и повышение качества выпускаемых в стране товаров. Отметим, что в данном направлении достигаются большие успехи.

В принятых инвестиционных программах определены экономические и хозяйственные субъекты, способные обеспечить инвестиционные средства, а также основополагающие условия для выработки направлений предпринимательской деятельности и получения соответствующих заключений.

Как подчеркнул лидер нации, следует упростить порядок привлечения и выдачи денежных вкладов физическим и юридическим лицам частного сектора, а также заново пересмотреть оплату услуг в целях создания конкуренции между банками. Исходя из этого, кредитными учреждениями страны на регулярной основе проводится работа по привлечению денежных средств инвестиционной направленности.

Актуальным требованием времени выступает обеспечение высокого темпа роста национальной экономики, планомерная реализация активной инвестиционной политики. Модернизация материально-технической базы структуры экономики посредством внедрения инновационных технологий, соответствующих международным стандартам, с активным вовлечением в этот процесс инвесторов и заказчиков является примером высокого доверия, оказываемого им. Об этом также свидетельствуют современные объекты

buýrujylara bildirilýän ynamdyr. Sebäbi halkara ülňülerine laýyk gelýän we gurlup ulanylmaga beriýän dürli ugurly binalardyr desgalar muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda amala aşyrylýan maýa goýum taslamalary ykdysady we täjirçilik taýdan bähbitli bolmak bilen, sebitdäki we onuň çäklerinden daşyndaky umumy ýagdaýa oňyn täsirini ýetirmäge, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir hem-de bularyň ählisi döwletimiziň uzakmöhletleýin strategik ösüşini ilerletmäge ygtybarly esas bolup durýar.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň pudaklaýyn we eýeçilik görnüşleri babatynda diwersifikasiýalaşdyrmagyny üpjün edýän, sanly ykdysadyýete uýgunlaşdyrýan bazar gatnaşyklarynyň özgertmelerini üstünlikli amala aşyrýan hem-de täze-täze iş orunlaryny döretmek bilen, ýurdumyzyň we onuň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny has-da berkitmäge gönükdirilen çäreler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Erkin hususy telekeçiligiň, harytlaryň, hyzmatlaryň hem-de işleriň maliýe serişdeleriniň durnukly hereket etmegi, maýa goýujylaryň, sol sanda, daşary ýurtly maýa goýujylaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goragyny kepillendirýän netijeli kanunçylyk binýady hem emele getirildi. Işewürligi we maýa goýum işjeňligini ösdürmek, döwlet dolandyryş ulgamyna öňdebaryjy usullary ornaşdyrmak hem-de täze iş orunlaryny döretmek maksadyny nazarlandyrylýan strategik ähmiýetli işler, bu netijeli ösüşiň girewidir.

«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda milli ykdysadyýetimiziň gülläp ösmegi ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Şemşat KIÇIGULOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy

**Mährijemal HALOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby

различного профиля, возведённые за счёт привлечения иностранного капитала.

Реализуемые в стране инвестиционные проекты, которые выгодны с экономической и коммерческой точки зрения, призваны оказать позитивное воздействие на общую ситуацию в регионе и мире, обеспечить устойчивое развитие. Всё это, в конечном счёте, сформирует надёжную платформу для достижения долгосрочных стратегических целей нашей страны.

Сегодня в нашей стране последовательно реализуются комплексные меры, нацеленные на обеспечение диверсификации отраслей и форм собственности сегментов национальной экономики, успешную реализацию реформ в области рыночных отношений, способствующих адаптации к цифровой экономике, создание новых рабочих мест, а также дальнейшее укрепление экономической мощи нашего государства.

Свободное развитие предпринимательства, стабильный оборот товаров, услуг и финансов обусловили формирование надёжной правовой базы, гарантирующей защиту прав и интересов иностранных инвесторов. Осуществляемые практические шаги по развитию предпринимательства и наращиванию инвестиционной активности, внедрению передовых методов в систему государственного управления, созданию новых рабочих мест являются факторами процветания страны.

Желаем уважаемому Президенту, осуществляющему в году, девиз которого «Туркменистан – Родина мира и доверия», масштабную работу по развитию национальной экономики, крепкого здоровья, долголетия и успехов в работе во имя благополучия родного народа и процветания любимой Отчизны!

**Шемшат КИЧИГУЛОВА,**
преподаватель Туркменского государственного института экономики и управления

**Мяхриджемал ХАЛОВА,**
студент Туркменского государственного института экономики и управления

# SEBITLERIŇ DEREJESINDE SENAGAT SYÝASATYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MEHANIZMI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe senagat pudagynda intellektual maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bu pudagyň ösüşi üçin giň mümkinçilikleri açýar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» senagat pudagyna degişli önümçilikleriň ähli tapgyrlarynda innowasion çözgütleriň ornaşdyrylmagynyň netijesinde gözegçiligiň güýçlendirilmegi, önümleriň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy, önümçiligiň netijeliliginiň we howpsuzlygynyň artdyrylmagy pudagyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyny üpjün etmäge gönükdirilen wezipeler kesgitlenendir.

Häzirki zaman senagat önümçiligi öz işiniň ähli ugurlarynda sanly we kompýuter tehnologiýalaryny peýdalanýar. Senagatyň sanlaşdyrylmagy täze derejede senagat kärhanalarynyň öňündäki üznüksiz çylşyrymly meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär.

Senagatyň sanly ulgama geçmegi senagatdaky iş orunlarynyň, şeýlede howply ýerlerdäki ýerine ýetirilýän işleriň möçberiniň azalmagyna, kärhananyň işgärlerini uly möçberdäki kyn işlerden boşadyp, olary önümçiligiň howpsuzlygyny we netijeliligi ýokarlandyrmak bilen bagly meseleler bilen meşgullanmaklaryna giň mümkinçilikler açýar.

Hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmäge, ýurdumyzda öndürilýän

# Механизм реализации промышленной политики регионов

В эпоху могущества и счастья, внедрение интеллектуальных информационно-коммуникационных технологий открывает широкие возможности для развития данной отрасли.

В «Программе Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны на 2019-2025 годы» определены задачи, направленные на усиление контроля, снижение себестоимости продукции, повышение производительности труда, повышение эффективности и безопасности производства, а также обеспечение повышения конкурентоспособности отрасли в результате внедрения инновационных решений на всех этапах производств в отрасли промышленности.

Современное промышленное производство во всех направлениях своей деятельности использует цифровую и компьютерную технологии. Цифровизация промышленности позволяет решать сложные проблемы, стоящие перед промышленными предприятиями на новом уровне.

Переход промышленности на цифровую систему открывает широкие возможности для сокращения рабочих мест в промышленности, а также объемов выполняемых работ в опасных участках, предоставляет работникам предприятий возможность заниматься с проблемами, связанными с повышением безопасности и эффективности производства, освобо-

önümleriň möçberini we görnüşlerini artdyrmaga, sanly ulgamy ornaşdyrmaga gönükdirilen ykdysady strategiýasyna laýyklykda, soňky ýyllaryň dowamynda uglewodorod çig malyny düýpli gaýtadan işlemäge ýöriteleşdirilen iri döwrebap senagat desgalary ulanylmaga tabşyryldy.

Sebitiň senagatynyň bäsleşige ukyplylygy köp babatda innowasion işiň çaltlandyrylmagyna baglydyr. Ol sebitiň senagatynyň innowasiýalary kabul edijiliginiň ýokary bolan we sebitiň senagat toplumynda innowasion işjeňligiň ösen ýagdaýynda mümkindir. Bu wezipeler senagat syýasatynda strategik maksada ýetmegiň serişdesi bolup durýan innowasion syýasaty durmuşa geçirmegiň barşynda çözülýär.

Serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary döretmegiň strategiýasy maddy serişdeleri sarp edijilerden çig maly, materiallary, ýangyjy we energiýany netijeli ulanmagyň tehnologiýalaryny döretmek we ulanmak üçin pul serişdelerini goýmakdan ugur alýar. Ol maglumat öwrülişiginiň barşynda zerurlyklaryň häsiýetiniň üýtgemegini göz öňünde tutýan önümçilik prosesini hem, sarp edişi hem gurşap alýar. Strategiýanyň şu görnüşi göni ykdysady netijäni üpjün etmek bilen, daşky gurşawyň düýpli sagdynlaşdyrylmagyna gytaklaýyn ýardam edýär. Seredilýän sebit üçin soňky ýagdaý sebitiň ykdysadyýetini ösdürmek üçin möhüm ähmiýeti bolan rekrasion hyzmatlara bolan islegiň artmagynyň üsti bilen goşmaça girdejilere öwrülip bilner.

